TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW:

— HEMIŞELIK BITARAP DÖWLETIMIZIŇ PARAHATÇYLYK HEM-DE ÝNANYŞMAK ÝÖRELGELERINE ESASLANÝAN DAŞARY SYÝASATY WE DIPLOMATIÝASY UZAK MÖHLETLEÝIN MILLI MAKSATNAMALARYMYZY AMALA AŞYRMAK ÜÇIN HALKARA GIŇIŞLIKDE ZERUR BOLAN ÄHMIÝETLI MÜMKINÇILIKLERIŇ DÖREDILMEGINE GÖNÜKDIRILENDIR.

# TÜRKMEN UNIWERSITETI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň aýlyk gazeti | 1958-nji ýylda esaslandyryldy | Möçberi: 8 sahypa | 2026 | Fewral | #2/47

## Geçmişi we geljegi birleşdirýän edebi miras

*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde talyp ýaşlaryň kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerini gazanmak, ýaşlaryň kitaba, okamaga höwesini artdyrmak, milli edebiýatymyza we dünýä edebiýatyna bolan gyzyklanmany ösdürmek, talyplaryň söz baýlygyny, medeniýetini we özbaşdak pikir ýöretmek ukyplaryny ösdürmek maksady bilen şu ýylyň 11-nji ýanwaryndan 11-nji fewraly aralygynda kitap okamagyň biraýlygy boýunça bäsleşik yglan edildi.*

*Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanyň kitaphana ulgamyny ösdürmegiň 2025 — 2029-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» we ony durmuşa geçirmegiň Meýilnamasynyň 1 ýyllygy mynasybetli geçirilýän biraýlygyň çäginde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň guramagynda birnäçe çäreler ýaýbaňlandyryldy.*



**14-nji ýanwarda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň ylmy kitaphanasynyň işgärleriniň, taryh fakultetiniň mugallymlarynyň we talyplarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet kitaphanasynda «Kitap — ynsanyň köňül nagşy» atly çäre geçirildi. Duşuşykda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň ylmy kitaphanasynyň işgärleri, mugallymlarydyr talyplary Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen bilim-ylym ulgamynyň yzygiderli kämilleşdirilmegi, ýaşlar syýasatynyň dabaralandyrylmagy we kitaphana işiniň täze taryhy döwrüň talaplaryna laýyklykda ýola goýulmagy barada buýsançly gürrüň etdiler.



Çäräniň dowamynda talyplar kitap, kitaphana işi hem-de olaryň gymmatlylygy bilen baglanyşykly özlerini gyzyklandyrýan sowallaryna jogap aldylar.

***

**20-nji ýanwarda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň guramagynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň ylmy kitaphanasynda hem-de Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Merkezi ylmy kitaphanasynda «Kitap geljegimize nur saçýar» atly çäre geçirildi. Oňa mugallymlardyr talyplar gatnaşdylar.

Çärede çykyş edenler Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kitaplarynyň gymmaty, türkmen we daşary ýurt alymlarynyň, ýazyjy-şahyrlarynyň kitaplary barada gürrüň edip, olarda halkymyzyň şöhratly taryhy, milli mirasy, şonuň ýaly-da, durmuş we ylmy gymmatlyklarynyň beýan edilýändigini belläp geçdiler. Bu çärä gatnaşyjy talyplar TYA-nyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň ylmy kitaphanasyndaky gymmatly kitaplar we golýazmalar hazynasy hem-de Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Merkezi ylmy kitaphanasynda saklanýan kitaplar, seýrek duş gelýän neşirler bilen ýakyndan tanşyp, kitabyň ynsan durmuşyndaky orny barada giň maglumatlara eýe boldular.

***

**24-nji ýanwarda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Kitap — geçmişi we geljegi birleşdirýän edebi miras» atly çäre geçirildi. Oňa uniwersitetiň professor-mugallymlary, ylmy kitaphanasynyň işgärleri we talyplar gatnaşdylar.

Dabarada çykyş edenler halkymyzyň şöhratly taryhynda kitaba goýulýan hormat-sarpa, ylmyň-bilimiň jemgyýetdäki orny, bu ugurda alnyp barylýan ýaşlar syýasaty, ýaş nesliň giň dünýägaraýyşly bolmagynda kitabyň orny bilen baglanyşykly giňişleýin gürrüň berdiler. Çykyşlarda şöhratly taryhymyz, meşhur şahsyýetlerimiz we milli mirasymyz hem-de ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty we durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşi beýan edilýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kitaplarynyň taryhy ähmiýeti barada beýan edildi.

Çäre bilen ugurdaş Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň geografiýa fakultetiniň eýwanynda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kitaplarynyň, orta asyrlar, nusgawy we häzirki zaman türkmen edebiýatynyň görnükli wekilleriniň kitaplarynyň, uniwersitetiň professor-mugallymlarynyň okuw kitaplarynyň, gollanmalarynyň, monografiýalarynyň, dürli ýygyndylaryň sergisi oňa gatnaşyjylarda uly täsir galdyrdy.

***

2025-nji ýylda uniwersitetiň professor-mugallymlary tarapyndan dürli görnüşli kitaplaryň jemi 23-üsi neşir edildi. Olardan: ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaplaryň 8-isi, okuw gollanmalaryň 3-üsi, umumybilim berýän orta mekdepler üçin okuw kitabynyň 7-si, ylmy monografiýanyň 1-i, halkara ylmy-amaly maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýanynyň 4-üsi neşir edildi. Uniwersitetimiz elektron kitaphanasynda kitaplaryň elektron gory döredilip, elektron görnüşdäki kitaplar ýaşlara sanly ulgam arkaly elýeterli edilýär. Ýurdumyzda çap edilýän ähli gazet-žurnallaryň bir bitewi internet saýty hem-de mobil goşundysy görnüşinde neşir edilmeginiň ýola goýulmagy hem ýaşlarymyzyň döwürleýin neşirleri öz ykjam telefonlarynyň üsti bilen okap bilmeklerine, bilimlerini artdyrmaga, dünýägaraýşyny giňeltmäge mümkinçilik berýär.

Uniwersitetimiziň professor-mugallymlary tarapyndan taýýarlanylyp, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Okuw-usuly geňeşiniň degişli bölümlerinde ara alnyp maslahatlaşylan we Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Redaksion geňeşlerinde seljerilen 24 kitaba Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy tarapyndan makullanylandygy barada netijenama berildi. Ýokary okuw mekebimiziň professor-mugallymlary daşary



ýurtly ýazyjy-şahyrlaryň eserlerini, türkmen halk ertekilerini terjime edip, dürli neşirleriň üsti bilen halk köpçüligine ýetirýärler. Roman-german we gündogar dilleri fakultetiniň mugallymlary tarapyndan türkmen halk ertekileri iňlis, rus, fransuz, nemes, italýan, arap, türk, hytaý, pars dillerine terjime edildi hem-de okyjylar köpçüligine ýetirildi.

Ýurdumyzda bilim-ylym ulgamynyň dünýä ülňülerine laýyk derejede ösdürilmegi üçin ähli şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak, türkmen halkynyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagy, ýurdumyzyň gülläp ösmegi ugrunda amala aşyrýan tutumly işleriniň hemişe rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris!

**«Türkmen uniwersiteti».**

## Täzelikler

# Ýylyň ilkinji okuw sapagy

**9-njy fewralda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde 2026-njy — «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly mynasybetli ilkinji okuw sapagy geçirildi.



Okuw sapagynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan döwletimiz ösüşiň täze belentliklerine bedew bady bilen barýandygy bellenildi.

Okuw sapagynda dünýäniň öňdebaryjy tejribelerine esaslanmak bilen, ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň pudaklaryny ösdürmekde bilim-ylym ulgamlaryny kämilleşdirmek, oňa innowasion tehnologiýalary we bilim bermegiň häzirki zaman usullaryny ornaşdyrmak ugrunda alnyp barylýan işler barada beýan edildi. Hususan-da, milli ykdysadyýetimiziň pudaklary üçin ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamaga, olaryň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmaga aýratyn üns berilýändigini, şunuň bilen baglylykda, bilim işine dolandyrmagyň umumy kabul edilen ýörelgelerini ornaşdyrmak, ylmy işleriň önümçilik bilen arabaglanyşygyny üpjün etmek, talyplaryň nazary bilimlerini amaly şertlerde has-da kämilleşdirmekleri babatda ähli mümkinçilikleriň döredilýändigi nygtaldy. Ýokary bilimde ylym-bilim, önümçilik arabaglanyşygy esasynda alnyp barylýan işler özüniň oňyn netijelerini berýändigi, şu esasda hem ýaşlaryň ylma işjeň çekilýändigi beýan edildi.

Okuw sapagynda ýurdumyzyň halkara derejede at-abraýynyň, şan-şöhratynyň has-da ýokary derejelere ýetmegi ugrunda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan il-ýurt



bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleri barada buýsanç bilen bellenildi.

Ilkinji okuw sapagyna gatnaşyjy talyplar ýurdumyzy ösüşiň täze belentliklerine tarap bedew bady bilen alyp barýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş we hoşallyk sözlerini beýan etdiler.

# Uniwersitetiň habarlary

**26-njy ýanwarda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Ilkinji Zenanlar guramasy tarapyndan gyşky dynç alyş möwsüminde mugallymlaryň gatnaşmagynda geçirilýän çäreleriň meýilnamasynyň çäklerinde hukuk fakultetiniň zenanlar guramasynyň guramagynda «Zenanlar biziň Diýarymyzyň buýsanjydyr» atly maslahat geçirildi.



Maslahatda çykyş edenler ýurdumyzda alnyp barylýan gender deňliginiň halkara we milli hukuk esaslary, ähmiýeti, durmuşa geçirilişi, Merkezi Aziýada zenanlaryň hukuklarynyňdyr mümkinçilikleriniň giňelmegi barada durup geçdiler.

Maslahatyň dowamynda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda alnyp barylýan gender deňligi barada ýörite taýýarlanylan wideorolik we prezentasiýalar görkezildi.

Çäräniň ahyrynda oňa gatnaşyjylar tarapyndan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy ösüşiň täze belentliklerine tarap alyp barýan tutumly işleri üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallyk we alkyş sözleri beýan edildi.

**12-nji fewralda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Medeni miras: geçmişden geljege» ÝUNESKO kafedrasynyň guramagynda Ylymda zenanlaryň we gyzlaryň halkara



güni mynasybetli «Türkmen halkynyň medeni mirasyny öwrenen zenan alymlary» atly usuly maslahat geçirildi.

Maslahata ÝUNESKO kafedrasynyň işjeň agzalary we ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň Milli toparynyň sekretariatynyň wekili gatnaşdylar.

***

**17-nji fewralda** gidrometeorologiýa kafedrasynyň müdiri, geografiýa ylymlarynyň kandidaty G.Hamraýew Merkezi Aziýanyň Döwletara suw hojalyk utgaşdyryjy toparynyň Ylmy-maglumat merkezi tarapyndan Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherinde geçirilen «Merkezi Aziýada neksus-çemeleşmesi boýunça öňdebaryjy bilimleriň sebit



merkezi: konsepsiýadan hyzmatdaşlyga tarap» atly okuw maslahatyna gatnaşdy.

***

Uniwersitetiň taryh fakultetiniň dünýä taryhy kafedrasynyň guramagynda kitap okamaklygyň biraýlygynyň çäklerinde «Kitaba bolan söýgi türkmen halkyna mahsus ynsan sypatlarynyň biridir» atly surat çekmek boýunça bäsleşigiň sergisi geçirildi. Sergide talyplaryň ýerine ýetiren işleri görkezildi. Ýörite bellenilen eminler topary tarapyndan her bir ýerine ýetirilen iş degişli ballar bilen bahalandyryldy.

Bäsleşigiň jemlerine laýyklykda taryh fakultetiniň syýasaty öwreniş hünäri-



niň talyby Parahat Rejepow 1-nji orna mynasyp boldy. Taryh hünäriniň talyplary Nurmuhammet Maksadow hem-de Mährem Şöhradow 2-3-nji orunlary eýelediler. Ýeňijilere Hormat hatlary we ýadygärlik sowgatlar gowşuryldy.

***

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen «Neýtralnyý Turkmenistan» gazetiniň redaksiýasy tarapyndan ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» («Туркменистан — Родина мира и доверия») atly rus dilinde makala ýazmak boýunça bäsleşik geçirildi.

Ýaşlary ata-babalarymyzyň ynsanperwer ýörelgesi esasynda milli ruhda terbiýelemek, olaryň watansöýüjilik, agzybirlik, jebislik duýgularyny, ata Watanymyza, merdana halkymyza bolan buýsanjyny has-da ösdürmek, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň milli mirasymyza, edebi we taryhy şahsyýetlerimize, ruhy-ahlak gymmatlyklarymyza goýýan sarpasyny ýaýbaňlandyrmak hem-de talyplaryň döredijilik başarnyklaryny ýüze çykarmak maksady bilen geçirilen bäsleşige ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary gatnaşdylar.

Bäsleşige hödürlenen işler Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professor-mugallymlaryndan we «Neýtralnyý Turkmenistan» gazetiniň redaksiýasyndan düzülen emin agzalary tarapyndan seljerildi hem-de eminler topary tarapyndan berlen ballaryň esasynda ýeňijiler kesgitlenildi.

Netijede, Türkmenistanyň Serhet institutynyň talyby Şageldi Gylyjow 1-nji orny eýeledi. Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk



uniwersitetiniň talyby Kamila Hudaýbergenowa, Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby Nurana Annaýewa, Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby Guwançmyrat Gurbangeldiýew 2-nji, Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby Mähri Mülkamanowa, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby Meňli Çaryýewa, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby Lola Seýidowa 3-nji orunlara mynasyp boldular.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Hünär kämilleşdiriş okuwlary

***Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde, ylym-bilim ulgamynyň ösdürilmegi ýurdumyzyň abraýyny has-da belende göterýär. Şeýle asylly maksatlardan ugur alnyp, ýaş nesilleriň ylymly-bilimli, ýurdumyzyň gülläp ösüşine mynasyp goşandyny goşup biljek raýatlar bolup ýetişmekleri üçin giň mümkinçilikler döredilýär.***

16 — 26-njy fewral aralygynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Eýran Yslam Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň Medeniýet merkeziniň guramagynda eýranly professor-mugallymlar tarapyndan ýurdumyzyň pars dili we edebiýaty boýunça ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary hem-de talyplary üçin hünär kämilleşdiriş okuwlary geçirildi. Okuwlar Eýran Yslam Respublikasynyň Saady gaznasynyň pars dili we edebiýaty mugallymlary Ahmadighader Shahnaz we Sheikhi Tahmine tarapyndan alnyp baryldy.

Okuwlara Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň we Türkmenistanyň Döwlet energetika



institutynyň mugallymlary hem-de talyplary gatnaşdylar.

Ýurdumyzda bilim derejesi ýokary halkara talaplara laýyk gelýän hünärmenleri taýýarlamagyň kämil ulgamyny döretmek bilim syýasatynyň ileri tutulýan wezipesidir. Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzda Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyna laýyklykda, bilim işini düýpli kämilleşdirmek, professor-mugallymlaryň, ýaşlaryň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak, ýokary okuw mekdepleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, ýokary okuw mekdeplerini dünýäniň öňdeligini düzýän halkara sanawlara girizmek meýilleşdirilýär. Häzirki wagtda dünýäniň öňdebaryjy ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň gatnaşmagynda ýurdumyzda dürli okuwlar geçirilýär.

Ylym-bilim ulgamyny öňdebaryjy döwletleriň derejesine ýetirmek, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny has-da giňeltmek, ylmy-barlag işleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek döwletimiziň baş maksatlarynyň biridir. Şu jähetden, ýurdumyzda alymlaryň, ylmy işgärleriň has-da netijeli işlemegi üçin ähli zerur şertler döredilýär.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde pars dili we edebiýaty boýunça ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary hem-de talyplary üçin geçirilen hünär kämilleşdiriş okuwlary-da aýdylanlaryň aýdyň güwäsine öwrüldi. Okuwlaryň ahyrynda oňa gatnaşyjylara Sertifikatlar gowşuryldy.



# Onlaýn ders bäsleşikleri

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň guramagynda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly mynasybetli ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda biologiýa boýunça onlaýn ders bäsleşigi geçirilýär.

Ders bäsleşigi talyp ýaşlaryň arasynda dostlukly gatnaşyklary berkitmek, özara bähbitli ylmy maglumatlary alyş-çalyş etmek, talyplaryň biologiýany düýpli we hemmetaraplaýyn öwrenmeklige gyzyklanmasyny artdyrmak hem-de çuňňur bilimliligini ösdürmek, häzirki döwürde amalyýetde ýüze çykýan biologiki meseleleri, tejribeleri derňemäge ukyply ýaş hünärmenleri ýetişdirmek maksady bilen geçirilýär.

Bäsleşik 18-nji martda sagat 14:00-da bellenilen ýokary okuw mekdeplerinde bir wagtda geçiriler we ähli gatnaşyjylar wideoşekiller arkaly göni ýaýlymda görkeziler.

Test soraglary Botanika dersinden hödürlenýär we Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ylmy-ensiklopediýasyny öz içine alýar.

***

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň guramagynda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly mynasybetli ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda häzirki zaman kompýuter tehnologiýalary boýunça onlaýn ders bäsleşigi geçirilýär.

Bäsleşik 10-njy aprelde sagat 10:00-da bellenilen ýokary okuw mekdeplerinde bir wagtda geçiriler we ähli gatnaşyjylar wideoşekiller arkaly göni ýaýlymda görkeziler. Bäsleşige her ýokary okuw mekdebinden üç talyp gatnaşyp biler we Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň web saýtynda ýokary okuw mekdepleriniň özünde onlaýn gatnaşmak arkaly geçiriler.

***

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň guramagynda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly mynasybetli ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda iňlis dili dersi boýunça onlaýn bäsleşik geçirilýär.

«Daşary ýurt dillerini öwrenmek paýhaslylyga açylýan gapydyr» ady bilen guralýan bäsleşik 27-nji martda sagat 12:00-da geçiriler. Bäsleşige her ýokary okuw mekdebinden üç talyp gatnaşyp biler. Gatnaşyjylara jemi 50 soragdan ybarat ýumuşlar berler.

# Halkara bäsleşiklerdäki üstünlik

***25 — 28-nji ýanwar aralygynda Özbegistan Respublikasynyň Buhara şäherinde Buhara döwlet uniwersitetiniň guramagynda ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda halkara matematika (Buhara International Mathematical Olympiad) we himiýa (International Chemistry Olympiad) olimpiadalary geçirildi.***

Halkara matematika bäsleşigine Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň, Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky halkara nebit gaz uniwersitetiniň, Oguz han adyndaky inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň, S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň, Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň, Döwlet energetika institutynyň, Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň, Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyplaryndan düzülen toparlar gatnaşdylar.

Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary olimpiadada üstünlikli çykyş edip, şahsy bäsleşikde 10 altyn medal, 14 kümüş medal we 1 bürünç medal bilen sylaglanyldy.

Himiýa olimpiadasyna Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň, Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň, Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky halkara nebit we gaz uniwer-



sitetiniň, Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň, Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň we Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyplaryndan düzülen toparlar gatnaşdy.

Ýokary okuw mekdeplerimiziň talyplary olimpiadada üstünlikli çykyş edip, şahsy bäsleşikde 7 altyn medal, 3 kümüş medal we 11 bürünç medal bilen sylaglanyldy.

# Hünär hepdelikleri

Uly ösüşleri nazarlaýan, yzygiderli gazanylýan ýeňişlerden ruhlanýan uniwersitetimiziň türkmen dili we edebiýaty fakulteti üstümizdäki okuw ýylynyň II ýarymýyllygyna belent maksatlar bilen başlady. Fakultetiň çägindäki degişli hünärleriň guramagynda «Türkmen dili», «Türkmen edebiýaty», şeýle-de «Žurnalistika» hepdelikleri geçirildi.




Hepdelikleriň çäginde birnäçe bäsleşikler, aýdym-sazly çykyşlar, halypa ýazyjy-şahyrlarymyz bilen duşuşyklar guraldy. Bu geçirilen bäsleşiklerdir duşuşyklar bilim alýan talyp ýaşlaryň aň-düşünjesini ösdürmek, bilim başarnygyny barlamak, olary höweslendirmek hem-de täze döredijilik gözleglerine ruhlandyrmak maksady bilen amala aşyryldy. Hepdelikleriň dowamynda has tapawutlanan talyplara türkmen dili we edebiýaty fakulteti tarapyndan Hormat hatlary we ýadygärlik sowgatlar gowşuryldy.

**Sahypany taýýarlan türkmen dili we edebiýaty hünäriniň 3-nji ýyl talyby Mukam BEKGYLYJOW.**

## Bir okana bar...

# Kitap — ruhy hazyna

***Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy bilen ylmy mirasymyzyň, taryhy geçmişimiziň tükeniksiz baýlyklaryny özünde jemleýän kitabyň ähmiýetine aýratyn üns berilýär. Bilim berlişiň hilini ýokarlandyrmakda kitap möhüm orny eýeleýär. Şonuň esasynda ýurdumyzda kitaphanalaryň işini düýpli özgertmekde, olaryň işini döwrebap guramakda we kämilleşdirmekde tutanýerli işler durmuşa geçirilýär.***

Şu asylly işlerden ugur alyp, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň guramagynda geçirilen kitap okamaklygyň biraýlygyna bagyşlanan çäre ýokary ähmiýete eýe boldy. Ýokary guramaçylykly geçirilen biraýlygyň çäginde talyp ýaşlarymyz edebiýatymyz, taryhymyz, milli mirasymyz bilen bagly gymmatly maglumatlar aldylar, çeper eserleri okamak bilen dünýägaraýşyny giňeltdiler, kitaphanalara syýahat etmek bilen aň-düşünjesini kämilleşdirdiler.



Bilimleriň çeşmesi saýylýan kitap gymmatly gollanma, ruhy hazyna, kämilligiň gözbaşy hökmünde halkymyzyň durmuşynda möhüm orny eýeleýär. Kitap adamlaryň döreden täsin we beýik gudratydyr. Ol döwrüň aýnasy, ynsanyň özünden soňky nesillere goýup gidýän, bahasyna ýetip bolmajak mirasydyr. Bu gudratda adamzat durmuşynyň müňýyllyklaryň dowamyndaky ösüşi, ylym-bilimde ýeten sepgitleri, döwürleriň syýasy-ykdysady we medeni baglanyşygy, umuman, asyrlaryň ýaňy beýan edilýär. Kitap hakynda gürrüň edilende Gahryman Arkadagymyzyň: «Kitaplar asyrlaryň taryhyny, durmuşyny, ruhuny özüne siňdirýändigi bilen şöhratlanýar. Çünki kitap döwrüň waspçysy, paýhas ummany» diýen sözleri hakydaňa gelýär.

Ynsan ömründe kitabyň orny örän uludyr. Okaýan ynsan kämillige ýetýär, giň düşünjeli bolýar. Kämillige barýan ýol okamagyň üsti bilen amala aşyrylýar. Onda adam ahlagyny terbiýeleýji, dünýägaraýşyny, gözýetimini giňeldiji güýç bar. Adam durmuşda hemişe täze zatlary öwrenmäge, bilmäge ymtylýar, täzelenişleriň, üýtgeşiklikleriň höwesinde ýaşaýar. Şonda kitap onuň okamaga, bilmäge, öwrenmäge teşne kalbyny gandyrýar. Çünki kitap ruhy hazynadyr. Bu pikirler bilen bagly Gahryman Arkadagymyz «Hakyda göwheri» atly ylmy-filosofiki eserinde şeýle belleýär: «Men hemişe öwrenýän, bilmäge jandan höwesek adamlara sarpa goýýaryn. Özümem hemişe öwrenmegi, dyngysyz okamagy berk durmuş ýörelgesi hökmünde öňden ykrar etdim. Öwrenmek, bilmek durmuşyň bütin dowamynda saňa örän gerek».

Taryhymyzdan mälim bolşy ýaly, kitaby aýratyn sarpalaýan ata-babalarymyz perzentlerine kitap okamagy, hat-ýazuwy öwrenmegi pugta sargar ekenler. Munuň şeýledigine Alym Arkadagymyzyň başlangyjy bilen çap edilen «Paýhas çeşmesi» kitabyndaky «Kitap okaýanyň ruhy baý», «Kitap okamaýan görýänini görer, kitap okaýan dünýäni görer», «Kitap eneň-ataň ýaly terbiýeçidir», «Kitapsyz okalmaz, merdiwansyz çykylmaz» ýaly halkymyzyň durmuş tejribesiniň önümi bolan birnäçe nakyllar aýdyňlygy bilen şaýatlyk edýär. Türkmen halky hemişe-de kitaby mukaddeslik saýypdyr. Kitaby uly baýlyk bilip, ony edinmek üçin hiç zadyny gaýgyrmandyr. Maşgalasynyň eklenç çeşmesi bolan ýekeje guba düýesini Magtymguly Pyragynyň kitabyna çalşan parasatly türkmen ýaşulusynyň edebiýatdaky keşbi ýüreklerde baky orun alandyr.

Kitabyň gymmaty hakynda gürrüň edilende Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan — Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly kitabyndaky şeýle tymsala ýüzleneliň: «Gije-gündiz tagat-ybadata berilse-de, hiç işi ugrukmaýan adamyň ahyry öz döwrüniň meşhur alymlarynyň biri, dili dogaly ulama Muhammet al-Abiwerdiniň ýanyna baryp, başyny alan bu müşgülliklerden halas bolmagyň alajyny soraýar. Alym onuň iň soňky gezek haçan sadaka berenligi bilen gyzyklanypdyr. Ýigit: «Özümi zordan ekleýän. Gün-güzeranym ýabygorly. Elimiň uzadan ýerime ýetmegi beýlede dursun, hatda ýekeje lukmany arkaýyn agzyma ýetirip bilemok. Bu ýagdaýda nädip sadaka bereýin?» diýip, ýere bakypdyr. «Ýeri bolýar, onda iň soňky gezek haçan ýagşylyk etdiň?» diýip, alym ýene-de oňa sowal bilen ýüzlenipdir. «Öz derdime başagaý bolup ýörşüme, özgelere ýagşylyk etmek pikiri asla kelläme-de gelmändir» diýip, ýigit göwünli-göwünsiz dillenipdir. «Ýeri bolýar, mundanam geçeli, onda iň soňky gezek haçan kitap okadyň?» diýip, alym sorapdyr. «Kitaby soňky gezek elime alanyma ýyl ýarym bolandyr» diýip, ýigit bu gezek kanagatlanarly jogap beripdir. «Baý-bo-ow, heý, beýle-de bir zat bolarmy? Adam üç günläp kitap okamasa, onuň ýüregi poslap başlaýar. Onsoň ol adam hiç bir şowlulygy hem, gowulygy hem görüp ýa-da duýup bilmeýär.



Atalarymyzyň aňymyza guýan şeýle öwütleri bar: eger bir işiňiz ugrukmasa, şu üç işi: ýagdaýyň boldugyndan sadaka bermegi, başardygyňyzdan ýagşylyk etmegi we kitap okamagy berjaý ediň. Ana, şondan soň işiň ugrugyp gidişine haýran galarsyň» diýip jogap beripdir». Tymsalyň mazmunyndan halkymyzyň durmuşynda kitabyň ornunyň nähili ýokary bolandygyna göz ýetirýärsiň.

Bilim özgertmeleriniň badalga alýan häzirki döwrümizde halkyň söýgüsine siňen ajaýyp kitaplaryň gory köpelýär. Bu ugurda Gahryman Arkadagymyz hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyz özleriniň şahsy göreldesini görkezip, halkymyza peşgeş berýän gymmatly kitaplary bahasyna ýetip bolmajak hazynadyr.

**Aýlar BAÝRAMOWA,**
**türkmen dili kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi.**

# Okaýanlara maslahat

Her bir talyp, ýa bolmasa ýönekeý okyjy öz okan zadyny gyzykly-gyzyksyz, şowly, şowly däldigine garamazdan, ýadynda saklap bilmän unudýan ýagdaýlary köp bolan bolsa gerek. Käbir kitaplar ruhy güýmenje üçin okalsa, käbirleri hökmany okalmaly okuw kitaplary bolup durýarlar. Şeýle ýagdaýda alnan maglumatlaryň ýatdan çykarylmagyna ýol berilmeli däldir.



Eýsem, biz özümiziň okamak we şol bir wagtda okalan zatlary ýatda saklap özleşdirip gitmek ukybyny nähili gazanmaly?

Daş-töweregiňizden aşa köp okamagy, çalt okamagy, okan zatlaryňy konspektirlemegi, daşyňdan okamagy, tersine içiňden okamagy, käbirleri bolsa kitaby çyzym-myzym edip okamagy maslahat alyp görensiňiz. Emma bularyň hiç biri hem täsirli hasap edilmeýär. Okan kitabyň göwrüminden hem köp konspektirläniň, ýa bolmasa kitaby doly çyzyşdyryp içinde barmak basara ýer goýmanyň hem haýry ýokdur. Ol seniň okan zatlaryňy ýadyňda saklatmaýar. «Şeýdip diňe akyl taýdan yzagalak adamlar okaýarlar...» diýen ýaly dürli miflere garamazdan, ady agzalan usullaryň içinden alymlar diňe daşyňdan okamagyň belli bir derejede peýdasynyň bardygy, ýagny okan zadyňy aýtmak we ony özüň eşitmek bilen sen beýniň birnäçe bölegini bir wagtda işledýänligiň, şeýle-de täze dil öwrenmekde uly peýdasynyň bardygy bilen tapawutlanýandygyny aýdýarlar. Nädip okanyňda materialy ýüzugruna öwrenip gitmeli? Alymlar we bilermenler asyrlaryň dowamynda bu soraga jogap agtaryp gezipdirler.

***Işjeň gaýtalama usuly.*** Bu ýadyňda saklamakda esasy ýörelgeleriň biri bolup, kitaby ýönekeý okap gitmek bilen çäklenmän, alnan maglumatlary beýniňden hemişe sorap durmagy talap edýär. Kitabyň bir bölümini, babyny okap bolanyňdan soň ähli ýadyňda galan zatlary ýazmak bilen ýerine ýetirilýär. Onuň esasy ýeri kitaba seretmezden ýatdan ýazmaga synanyşmakdyr.

***Ara wagt salmak bilen gaýtalamak usuly.*** Adam beýnisi täze maglumaty örän tiz ýatdan çykarýar. Bu hadysa ylymda «Ebbingauzyň gyşyk ýatdan çykarmasy» diýip at alandyr. Täze öwrenilýän bilim ýadyňyzda uzak möhletleýin galar ýaly etmek üçin (1 günden, 3 günden, 1 hepdeden, 1 aýdan...) wagt aralygyny gitdigiçe ulaldyp, ýadyňyzdaky okan maglumatlaryňyza salgylanyp, şolary ýatlap durmaly.

***Gezekleşdirmek usuly.*** Bu usul boýunça bir temany 5 sagatlap okaman dürli temalary we meseleleri gezekleşdirmegi öz içine alýar. Mysal üçin, eger siz iňlis dilini öwrenýän bolsaňyz onda 60 minut, diňe täze sözleri öwreneniňizden 20 minut grammatika, 20 minut täze sözler, 20 minut audioýazgylary diňlemeklige sarp etmegiňiz gerek bolup durýar.

***Kynlaşdyrmak usuly.*** Ýönekeý gaýtalamak arkaly ýat tutmak degerli kömek etmez. Täze materiallary öňki bilýän zatlaryňyz bilen baglanyşdyrmaga çalyşyň. Mysal üçin «Edebiýatyň taryhy» derslerinde Jelaleddin Rumynyň ömri we döredijiligi barada öwrenenimizde ony dünýäniň taryhy bilen baglanyşdyrsak, onda onuň maşgalasynyň Merkezi Aziýa mongol çozuşlarynyň edil öňüsyrasynda häzirki Türkiýe Respublikasynyň çägine tarap göçüp gidendiklerini bilmek bolýar. Hatda olaryň ýolda duşan şahyry Ferideddin Attar hem yzýany Nişapurda mongol basybalyşlarynyň netijesinde aradan çykýar.

Her nähili bolanda hem dogry okamak, okaýan zatlaryňy özleşdirmek, wagt çäginde ähli zatlara ýetişmek biziň öňümizde duran möhüm wezipeleriň biridir. Emma kitaba çyzmak, ony eplemek siziň kelläňize täze zatlary ornaşdyrmaz. Ol diňe sizden soňky şol kitaplary okamaly adamlara päsgel berer. Dürli başlangyçlaryňyzda we okuwlaryňyzda hemişe üstünlikler ýaranyňyz bolsun!

**Taýýarlan Toýly BABAÝEW,**
**žurnalistika hünäriniň 2-nji ýyl talyby.**

# Halypa-şägirt gatnaşyklar ulgamynyň ösüşiniň pedagogik-psihologik şertleri

***Hormatly Prezidentimiz Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesliň ylymly-bilimli, ilhalar hünärmenler bolup ýetişmeginde halkymyzyň ruhy-ahlak ýoly bolan halypa-şägirtlik ýoluny dowam etdirmegiň ähmiýetiniň uludygyny häli-şindi nygtaýar. Bu babatda pederlerimiziň ýörelge mekdebiniň röwşen ertirleriň ösüş menzillerini nazarlaýandygy şübhesizdir.***

Halkymyzyň arasynda: «Ussat nagyşdyr, şägirt bolsa nagyş öwrenijidir», «Ussat agaçdyr, şägirt bolsa onuň kölegesidir. Egri ösen agajyň dogry kölegesi bolmaz» diýilýär. Halkymyzyň köp sanly beýik ussatlarynyň ýoluny mynasyp dowam etdirjek ýaşlary taýýarlamak we terbiýeläp ýetişdirmek döwrüň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar. Türkmenlerde «Halypasyz ussa bolmaz», «Şägirt bolmadyk — halypa-da bolmaz», «Halypasyz ussat — miwesiz daragt» diýen ýaly nakyllar we atalar sözleri bar. Ýaşlaryň kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerinde olara görelde bolýan halypalaryň bolmagy juda zerurdyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyz halkyň täze, döwrebap halypa-şägirtlik ruhy mekdebini esaslandyrdy. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň esaslandyran bu mekdebinde gadymyýetden şu güne çenli halypa-şägirtlik ýolunyň dürli döwürlerdäki orny, halypaçylygyň we şägirtligiň aýratynlyklary, kämillige gol beren ynsanlara bolan çuňňur söýgi, ýokary ahlak sypatly ynsanlara, döredijilik adamlaryna bolan sarpa täze döwrüň dünýägaraýşy esasynda öwrenilýär.

Döwrebap pedagogik iş — özgermeleriň ýokary depgini, pedagogyň hünärmen rolunyň mazmunynyň çylşyrymlaşmagy, onuň şahsyýetine bildirilýän talaplaryň ýokarlanmagy bilen häsiýetlenýär. Şonuň üçin ýaş mugallym bilim beriş ýagdaýyny özgermelere çeýe jogap bermegi başarmaly, pedagogik ulgamlaryň ýöriteleşmesini göz öňünde tutmaly, gysga möhletiň içinde hünärmen işiň täze şertlerine uýgunlaşmaly, öz hünärmen mümkinçiliklerini we şahsy ösüşini durmuşa geçirmeli. Döwrebap bilim ulgamynda sowatly, ahlakly, hyzmatdaşlyga ukyply, çeýelik bilen tapawutlanýan, saýlaw ýagdaýynda özbaşdak karar kabul edip bilýän mugallymlar zerur. Mugallymy çylşyrymly işe taýýarlamaklyk bitewi, uzak möhletleýin we üznüksiz, şahsy we hünärmen sypatlary kämilleşdirmäge gönükdirilen iş bolup durýar. Berlen strategik ýumşy çözmekde halypaçylyk ulgamyna aýgytly rol berilýär. Ýaş mugallymyň kämilleşmeginde halypa-şägirt ulgamy ýaş mugallymyň hünärmen hökmünde kemala gelmegine, onda öz-özüni kämilleşdirmek motiwasiýasynyň döremegine, öz-özüni beýan etmegine gönükdirilendir. Ýaş mugallymyň kämilleşmeginde tejribeli mugallymyň — halypanyň goldawy durmuşy zerurlyk bolup durýar.

Munuň bilen bir hatarda döwrebap bilim beriş ulgamy LLL (Longlife Learning — bütin ýaşaýyş-durmuşyň dowamynda öwrenmek) okadylyşa girişýär we berlen ýagdaýda pedagogik işgärler okatmak hadysasynyň doly derejeli subýektlerine öwrülýärler, öz hünärmen başarnyklaryny üznüksiz kämilleşdirýärler. Okaýany bilim berşiň indiki basgançagynyň hil taýdan gowy özleşdirilmegine taýýarlamaklyk we alnan bilimleriň, başarnyklaryň we endikleriň hakyky durmuşda ulanylmagyny üpjün etmeklik üçin pedagoglaryň üznüksiz öz ussatlygyny kämilleşdirmekligi zerurdyr. Hünärmen ösüşiň däp bolan ýollarynyň biri — goşmaça hünärmen bilimi berýän edaralaryň tory giňden ýaýrandyr. Ikinji ýoly — halypa-şägirt gatnaşyklar ulgamy bolup durýar. Häzirki döwürde halypa-şägirt ulgamy özboluşly «galkynyşlar» döwrüni geçýär. Sebäbi häzirki döwürde pedagogik işgärleriň düzüminiň täzelenmegi, özgerdilmegi bolup geçýär. Bu hadysa halypa-şägirt gatnaşyklar ulgamyny täzeden gurnamaklyga uly itergi berýär.



Häzirki döwürde bilim beriş ulgamynda halypaçylyga bolan gyzyklanma kanunalaýykdyr. Ilkinji nobatda, bu gyzyklanma sosial-pedagogik gurşaw bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi sosial-pedagogik gurşawda ýaş mugallymlaryň, täze wezipäni özleşdirýän pedagoglaryň hünärmen hökmünde kemala gelmegini güýçlendirmäge gönükdirilen halypa-şägirt meselesine degişli soraglar ýygy-ýygydan orta atylýar. Halypaçylygyň nusgasynda halypanyň şägirt bilen özara gatnaşyk meselesi merkezde goýulýar. Halypa-şägirt özara gatnaşygy diýlende, «şägirdiň hünärmen kynçylyklary esasynda onuň bilen hünärmen aragatnaşygy we ösüşi gurnamaklyk, täze başarnyklary çalt özleşdirmeklik, pedagoglaryň üznüksiz hünärmen ösüşini üpjün etmeklik» göz öňünde tutulýar.

Halypa-şägirt gatnaşyklar ulgamy döwrebap bilim berşiň wajyp düzüjisi bolup, bu ulgamsyz öňdebaryjy pedagogik tejribäni ýaýbaňlandyrmak mümkin däl bolardy. Şonuň üçin standartlaşma şertlerinde bilim ulgamynda halypaçylygyň roluna düşünmeklik örän wajypdyr. Öňde goýlan ýumuşlary çözmäge mümkinçilik berýän pedagogik başçykaryjylygy kemala getirmeklik pedagogyň hünärmen işiniň, tutuş ýaşaýyş-durmuşynyň dowamynda amala aşyrylmaly we goýlan maksatlara hem-de garaşylýan netijelere ýetmäge hyzmat etmeli.

Ýaş hünärmen işe girişen döwründe täze şertlere çalt uýgunlaşmaga mejbur bolýar. Zähmet adaptasiýasy (uýgunlaşmasy) — bu şahsyýet tarapyndan täze zähmet ýagdaýyny özleşdirmegiň sosial hadysasy bolup, onda şahsyýet we zähmet gurşawy bir-birine işjeň täsir edýär. Guramanyň adaptasion-uýgunlaşdyryjy gurluşlaryna halypaçylyk ulgamy hem girýär. Bu ulgam ýaşlara diňe bir täze şertlere çalt we netijeli uýgunlaşmaga däl-de, eýsem, tejribeli mugallymlara hem ýolbaşçylyk etmek tejribesini kämilleşdirmäge ýardam berýär. Halypa-şägirt gatnaşyklar ulgamynyň netijeli bolmagy üçin halypa we ýaş hünärmen bilelikdäki işe taýýar bolmaly. Halypaçylygyň jemgyýetçilik işi bolup durýandygyny, özerklilik düzgünine eýerýändigini unutmaly däl. Halypa ýaş hünärmene tejribäni geçirmeklige taýýar bolmaly. Bu ýerden halypa-şägirt ulgamynda döreýän psihologik mesele gelip çykýar, ýagny halypalary we ýaş mugallymy saýlap-seçmek, olaryň arasyndaky gatnaşyklary gurnamak. Halypa-ýaş hünärmen gatnaşyklary bu çylşyrymly seçijiligiň netijesi bolup, onda hem halypalar, hem şägirtler işjeň roly ýerine ýetirýärler. Halypa-şägirt gatnaşyklarynda döreýän psihologik meseleler halypa bilen ýaş hünärmeniň arasyndaky gatnaşyklaryň ösüş tapgyrlarynda syn edilýär. Bu tapgyrlara şu aşakdakylar degişli:

**Birinji tapgyr** — giriş ýa-da kabul etmeklik (6 aýdan 12 aýa çenli dowam edýär) bu tapgyryň dowamynda gatnaşyjylar birbiri bilen tanyşýarlar, bir-birlerinden etjek talaplaryny we teklip edip biljek zatlaryny kesgitleýärler. Ýaş hünärmen halypasy bilen aragatnaşygy ýola goýup başlaýar, halypadan aýratyn üns we emosional goldaw alýar. Halypa öz gezeginde öz şägirdi bilen has ýakyndan tanyşýar, onuň mümkinçiliklerini bahalandyrýar we özüniň zähmet gymmatlyklaryny, şahsy synlamalaryny we hünär tejribesini bilen paýlaşyp başlaýar. Berlen tapgyrda ýaş hünärmen kesgitli tabşyryklary alyp bilýär, olaryň ýerine ýetirilişiniň gidişinde halypa ýaş hünärmeniň ukyplaryna syn edip, olary bahalandyryp bilýär. Berlen tapgyrda halypa bilen ýaş mugallymyň arasynda düşünişmezlikler, pikirde gapma-garşylyklar döräp biler, şol sebäpli halypa:

— ýaş hünärmeniň başlangyç bilim derejesinden ugur almaly. Şägirdiň «özi bilmeli, özi başarmaly» diýlen zat, köplenç, «borçly, ýöne düşünmeýär we bilmeýär» ýagdaýa getirýär;

— ýaş adamlara mahsus bolan maksada okgunlylygy we tejribäniň azlygyny göz öňünde tutmaly;

— ýaş hünärmeni öz wezipe ösüşini we indiwidual ösüş meýilnamasyny düzmeklige hökman gatnaşdyrmaly, bolup geçýän zatlara onuň garaýşyny soramaly. Sebäbi halypa geljegi näçe gowy meýilleşdirse-de, bu ýaş hünärmene gabat gelmeýän bolsa, halypa-şägirt gatnaşyklarynda kynçylyklaryň ýüze çykmagyna getirer;

— hemme adamlaryň dürlüdigini unutmaly däl we iki ýaş hünärmene bir çemeleşmäni ulanmaly däl. Diýmek, ýaş hünärmeniň indiwidual aýratynlyklaryny göz öňünde tutmaly;

— ýaş hünärmeniň ýerine onuň işini amala aşyrmaly däl, berlen işi gözegçiligiň esasynda ýerine ýetirmäge mümkinçilik döretmeli.

**Ikinji tapgyr** — ösüş tapgyry (1 ýyldan 3 ýyla çenli dowam edýär). Halypa-şägirt gatnaşyklarynyň iň işjeň tapgyry bolup durýar. Bu tapgyrda halypaçylyk ulgamynyň agzalarynyň arasynda gatnaşyklaryň çuňlaşmagy bolup geçýär. Halypa real-hakyky hünärmen goldawyny bermeli, öz şägirdiniň ösüşini üpjün etmeli: päsgelçilikleri ýeňip geçmäge iterýän iş şertlerini döretmek, mümkinçiliklerini açmak, guramaçylyk we hünärmen goldawyny bermek. Şeýle hem, halypa emosional goldaw bermek bilen wezipe-iş ösüşi, dostluk meselelerinde maslahat beriş işini amala aşyryp biler. Bularyň ähli si ýaş hünärmeniň hünärmen ösüşini tizleşdirýär. Halypa, öz gezeginde öz şägirdiniň hünärmen üstünliklerinden kanagatlanma duýgusyny alýar.

**Üçünji tapgyr** has agyr tapgyr hasaplanylýar. Sebäbi ol halypa bilen şägirdiň arasynda dowam eden berk özara gatnaşyklaryň tamamlanmagyny aňladýar. Halypa-şägirt gatnaşyklaryny tamamlamaklyk hökmany hadysa bolup durýar. Sebäbi ýaş hünärmen has garaşsyz we özbaşdak bolmaga ymtylýar, howandarlykdan çykyp, öz hünärmen ukyplaryny görkezmegi isleýär. Öz gezeginde halypa üçin bu ýagdaý özüne we beýlekilere goýlan maksatlaryň ýetilendigini görkezmäge mümkinçilik döredýär.

**Dördünji tapgyr** — halypa-şägirt gatnaşyklaryny täzeçe kesgitlemek. Öň halypa-şägirt ulgamynyň agzalary bolan adamlar täze deňhukukly esasda gatnaşyklary gaýtadan dikeldýärler. Käwagt öňki halypa özüniň öňki şägirdine maslahat we goldaw berip bilýär, ýöne olaryň arasyndaky özara gatnaşyk seýrekleşýär. Berlen tapgyr çäksiz wagt dowam edip bilýär.

Şeýlelikde, halypa-şägirt ulgamy özara täsiriň giň mümkinçilikli we elýeter görnüşi bolup, döwrüň talaplaryna hem-de zerurlyklaryna gabat gelýär. Halypaçylyk ulgamy iri göwrümli jemgyýeti kemala getirmäge mümkinçilik berýär. Ýaş hünärmeniň kemala gelmek hadysasynda döwrüň global meselelerine jogap bermek ukybyny kemala getirmekde halypa-şägirt tehnologiýasyny bilim gurşawynyň aýrylmaz bölegine öwürýär. Bu bolsa täze nesliň, öz bilimini kämilleşdirmeklige, öz-özüni terbiýelemeklige taýýarlyk derejesini ýokarlandyrmaga ýardam berýär.

**B.MÄMMEDOW,**
**jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň mugallymy.**
**O.TAGANDURDYÝEWA,**
**jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi.**

Köp okan köp biler

# Köp okalan kitaplar

***Filmleriň birinde şeýle jümle bar: «Sungat bilen meşgullanmak dünýäde yz goýmagyň ýeke-täk ýoly». Megerem, adamlaryň sungat eserlerine biperwaý garap bilmeýändikleri şonuň üçindir. Olarda adamazadyň taryhy, duýgulary, arzuwlary, genial pikirleri... jemlenen ahyry.***

***Sungat eserleriniň içinde iň naýbaşysy kitap diýsek, öte geçdigimiz bolmazmyka diýýäris. Olaryň kämil nusgalaryny okap, adamlar diňe bir kitap gahrymanlary bilen tanyşman, eýsem, olaryň keşbinde öz-özlerini görýärler. Sizi häzire çenli iň köp okalan kitaplaryň käbirleri bilen tanyşdyrmagy makul bildik. Bu kitaplar çeper eser bolmak bilen çäklenmeýär. Olar medeniýetiň, filosofiýanyň, taryhyň we adam gözýetiminiň aýnasy hasaplanýar.***




**«Don Kihot».** Migel de Serwantesiň bu romany ispan edebiýatynyň Eweresti hasaplanylýar. Idealizm bilen realizmiň arasyndaky göreşi beýan edýän «Don Kihot» öz mazmunynda adam gymmatlyklaryny, arzuwlaryny we psihologiýasyny jemleýär.




**«Uruş we parahatçylyk».** Lew Tolstoýyň roman-epopeýasynda Napoleon Bonapartyň 1805 — 1812-nji ýyllarda Rus Imperiýasyna eden ýörişi döwründäki wakalary beýan edilýär. Kutuzow, Napoleon, Aleksandr I, Pýer Bezohow, Nataşa Rostowa dagy realizm žanrynyň iň kämil nusgasy hasaplanýan romanyň gahrymanlarydyr. Ýazyjy eserindäki wakalaryň üsti arkaly agzybirligiň hemme zatdan güýçlüdigini görkezýär.




**«Kiçijik şazada».** Fransuz ýazyjysy Antuan de Sent-Ekzýuperiniň bu powesti üçin ýaş çäklendirmeleri ýok. Ýaşy kiçiler «Kiçijik şazadany» sözleriniň aňsatlyk bilen okalýandygy üçin, ýaşy ulular bolsa eseriň aňyrsynda ýatan çuň manysy üçin söýüp okaýarlar. Şazadajygyň planetara syýahatynda islendik ýaşdaky adam hem öz arzuwlaryny, hyýallaryny, isleglerini tapyp biler.




**«Garri Potter we pelsepe daşy».** Özüniň ýazyjylyk zähmeti bilen 1 milliard amerikan dollaryndan köp girdeji gazanan ýeke-täk ýazyjy Joan Roulingdir. Britan zenan ýazyjysyna dünýä meşhurlygyny hem-de uly baýlyk getiren eseri bolsa Garri Potter atly jadygöý oglanjyk hakyndaky hyýaly romanydyr. Romanyň esasynda düşürilen filmleri bolsa görmedik adamlar az bolsa gerek.




**«Alhimik».** Paulo Koelýonyň bu romany arzuwlaryň ugrunda göreşmek hakyndaky we pelsepewi pikirleri öňe sürýär. Romanyň sada dilde ýazylan stili okyjylary özüne çekýär. Köp okyjylar bu kitabyň olaryň durmuşyna täsir edendigi barada aýdýarlar.




**«Syçanlar we adamlar».** Amerikada ýaşaýan iki sany dostuň durmuşy barada gürrüň berýän kitabyň awtory Jon Steýnbekdir. Eser dostluk, adamkärçilik we ýalňyzlyk temalaryny gozgaýar. Bu Steýnbekiň iň bir emosional eserleriniň biridir.

**Taýýarlan Parahat BATYROW,**
**žurnalistika hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

## Danalaryň aýdanlary

*Kitapsyz öý jansyz beden ýalydyr.*
***Sisereon***

*Okan her bir kitabyňyz siz üçin bir penjiredir, ol ýerden dünýäniň täze bir tarapyny görersiňiz.*
***Wiltu***

*Okamaýan adamyň okap bilmeýän adamdan hiç tapawudy ýokdur.*
***Mark Twen***

*Kitap okamak başga biriniň kellesi bilen syýahat etmekdir.*
***Imanuil Kant***

*Dünýä bir kitap bolsa, okamaýan adamlar onuň boş sahypasydyr.*
***Awgustin***

*Kitap okaýan adam diňe bir täze zat okaman, özüni hem öwrenýär.*
***Tomas Peýn***

*Kitaplar wagtyň serhetini bozup geçmişe aralaşýan ýoldur.*
***Isaak Azimow***

*Okamak adamy kämillige, söhbetdeşlige taýýarlyga, ýazmak bolsa takyklyga alyp barýar.*
***Awraam Linkoln***




## Dünýäni üýtgeden «Don Kihot»

***Hut Serwantesiň «Don Kihotyndan» soň hakyky roman žanry başlanýar. Bu barada Ýewgeniý Žarinow şeýle ýazýar: «Eger «Don Kihot» bolmadyk bolsa, ne Dostoýewskiý, ne Tolstoý, ne Dikkens, ne-de Turgenew bolardy — bu sanawy tä postmodernistik romanlara çenli dowam etdirmek mümkindir».***

*«Don Kihoty» ilkinji postmodernistik roman hökmünde häsiýetlendirmek ideýasy postmodernizmiň nazaryýetçisi hasaplanýan Horhe Luis Borhese degişlidir. Postmodernizmiň taryhy Rolan Bartyň «Awtoryň ölümi» atly makalasyndan däl-de, hut Borhesden başlanýar. Bart postmodernistik filosofiýanyň döredijisi däl-de, has döwrebaplaşdyryjysydyr. Fransuz postmodernizmi bolsa bu ugra pelsepewi esas we çuňluk berdi.*

*Žak Derrida özüniň «Grammatologiýa barada» atly esasy işinde adamzat ilki okamagy, soňra bolsa ýazmagy öwrendi diýen paradoksal ýörelgäni öňe sürýär. Derrida bu ideýany dünýäniň özüni bir tekst diýip hasaplan Fridrih Nissşeden alypdy. Bizi gurşap alan ähli zat tekstdir we bu tema semiotika tarapyndan dowam etdirildi.*

*Semiotika — belgiler we belgiler ulgamy baradaky ylymdyr. Eger Ferdinand de Sossýuryň aýdyşy ýaly, söz belgi bolsa, onda islendik predmet söze deňdir. Predmet belli bir teksti göterýär we nämedir bir zat aýdýar. Şu nukdaýnazardan, biz tekstiň içinde ýaşaýarys, ýöne bu adaty el bilen ýazylan tekst däl-de, bizi gurşap alan predmetleriň tekstidir. Geýýän eşigimiz, ýaşaýyş ýaratlarymyz tekstdir. Binagärlik hem tekstdir.*

***

*F.Nissşeniň «Şadyýan ylym» eserindäki ýene bir ideýa postmodernistik paradigmanyň esasyny düzdi. Nissşeniň bellemegine görä, ozal adamlar dünýäni ýazylan söz, edebiýat we kitaplar arkaly kabul eden bolsalar, indi adam dünýäni diňe rasional (akyl) däl-de, eýsem, intuisiýa, mistika we mifologiýa arkaly kabul edýär.*

*Postmodernizmde hemme zat oýundyr. Erik Bern «Adamlaryň oýnaýan oýunlary» kitabynda oýnuň biziň psihologiýamyza nähili ornaşandygyny görkezýär. Biz öz gatnaşyklarymyzda hut oýun oýnaýarys. Çagalaryň halaýan ertekileri adamyň aňyna guýulýar we ol bütin ömrüne şol ertekini gaýtalaýar. Adamlar ene-atalary tarapyndan kesgitlenen durmuş ssenarisi boýunça ýaşaýarlar. Postmodernistik paradigmanyň iň soňky oýny bolsa — apokalipsisdir.*

***

*Sowet we rus ýazyjysy Ýewgeniý Žarinowyň bellemegine görä, «Don Kihotsyz» soňraky edebiýatyň bary makulatura öwrülerdi. Hut «Don Kihotdan» hakyky roman başlanýar — bu žanrda sýužet esasy orny eýelemegini bes edýär. Roman okyjyny iň gyzykly dünýäde ýaşadýar: okyjy romanyň içinde ýazylmasa-da, onuň bir bölegine öwrülýär. Roman okaýan adamynyň ruhy durmuşynyň wakasyna öwrülmäge doly ukyplydyr.*

*Mişel Turniýe («Wampiriň uçuşy» kitabynda) şeýle romanlary wampirlere meňzedýär — olar siz kitaby tekjeden alýançaňyz jansyz ýalydyr, emma eliňize alanyňyzdan soň olar size öwrülýär we sizi üýtgedýär.*

***

*«Don Kihota» çenli roman entek düwünçek görnüşindedi. Serwantestiň döwründe rysar romanlary örän meşhurdy. «Don Kihot» romany Don Kihotyň öz ýerini satyp, ýüzlerçe rysar romanyny satyn almagy bilen başlanýar. Onuň alan her kitabynyň bahasy altyna durýardy. Ol özüniň we nesliniň durmuşyny kesgitleýän ýerini kitaplara çalyşýar.*

*Gahryman soňlugynda rysar romanlarynyň içine doly çümýär. Bu bolsa hut postmodernizmdir. Postmodernizmiň esaslarynyň biri — simulýakr dünýäsi, illýuziýa (hyýal) dünýäsidir. Gahryman ýer bilen ýaşamagynyň deregine, rysar romanlarynyň illýuziýasy bilen ýaşaýar. Netijede, Don Kihot kitaplar sebäpli dälireýär. Ýöne täze dünýäni diňe däliler döredip biler.*

***

*W.Şklowskiniň aýtmagyna görä, Serwantes köne meşige täze şerbet (täze mazmun) guýdy. Köne formada täze mazmun döreýär. Beýik açyş bolup geçýär, ýagny hem realistlere, hem postmodernistlere täsir eden hakyky roman dogulýar.*

*Ýöne döwürdeşleriniň köpüsi Serwantesi çynlakaý kabul etmändirler. Garşydaşlary onuň köpçülik üçin biderek zatlar ýazýandygyny aýdypdyrlar. Soňra bolsa Serwantesiň sanlarda, wakalarda bulaşýandygyny aýdýarlar.*

*Emma Borhes welin munuň stilistik takyklykdan azat bolan ilkinji romandygyny belleýär. Halk okady, intelligentler bolsa ony kabul edip bilmediler. Soňra bolsa bu kitap halk kitabyndan ýokary çeperçilikli esere öwrüldi, sebäbi onda fantastiki oýun bar, gipertekst döredilýär.*

*Realizm nukdaýnazaryndan «Don Kihota» iň dogry bahany belli rus ýazyjysy Fýodor Dostoýewskiý berdi. Ol ine, şeýle ýazypdy: «Eger ahyretde Allatagala: «Eý, adamzat, millionlarça ýylda ýüze tutarlyk näme iş etdiň?» diýip soraýsa, diňe «Don Kihoty» görkezmegiň özem ýeterlik bolar».*

**Internet maglumatlary esasynda taýýarlan Allanur ÇARYÝEW,**
**türkmen dili we edebiýaty hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

# Talyp kalbynyň joşguny



## Garaşsyzlyk, Bitaraplyk — eýýamlaryň aýdymy

Ak atynda ak ertire gadam basýar eziz halkym,
Garaşsyzlyk, Bitaraplyk — bu gün ýollarymyz ýagty,
Dowamaty dowam bolan halkyň sowulmajak bagty,
Başymyzda döwlet guşy ganatyny ýaýdygy,
Garaşsyzlyk, Bitaraplyk — eýýamlaryň aýdymy.

Taryhyň altyn gatyna girýär şanly seneler,
Watan ömre, döwre, göwne, şirin jana deňeler,
Keramatdyr, keremlidir, mukaddesdir ene Ýer,
Ýaşyl ýaýlam misli gözel keşdeleriň öýdümi,
Garaşsyzlyk, Bitaraplyk — eýýamlaryň aýdymy.

Garaşsyzlyk — ak ertirleň ýalkymly şamçyragy,
Bitaraplyk — parahatlyk, dost-doganlyk şygary,
Islän berkarar döwletiň geldi, dana Pyragy,
Goý, parlasyn has belentde parahatlyk baýdagy,
Garaşsyzlyk, Bitaraplyk — eýýamlaryň aýdymy.

Bu gün halkymyz toý tutýar Balkan, Ahal, Lebap, Mary,
Daşoguz hem Içoguzyň bir supra jem boldy bary,
Garaşsyzlyk, Bitaraplyk — alyp barýar öňe sary,
Watan şanyň zybanymda zerler çaýyp ýaýdygym,
Garaşsyzlyk, Bitaraplyk — eýýamlaryň aýdymy.

Ak şäherim Aşgabadym alkymlap dur Köpetdagy,
Watanyň göwher gaşydyr, ýatladyp dur Erem bagy,
Arkadagly Serdar bilen garşy alýas ajap çagy,
Watan, goýnuň mukaddeslik, misli jennet saýdygym,
Garaşsyzlyk, Bitaraplyk — eýýamlaryň aýdymy.

**Nurgözel ÝAZBERDIÝEWA,**
**roman-german we gündogar dilleri fakultetiniň 5-nji ýyl talyby.**

***Ejeme ýüzlenme***

Eje,
men bir ajap dünýä düşdüm!
Bu ýerde pasyl mydam ýaz.
Guşlar, güller, hatda Günem
Aýdym aýdyp, çalýarlar saz.

Ýöreýärin men ol ýerde
Bulutlaryň ýokarsynda.
Asmandaky dolan Aýa
Uzatsam, ýetýär elim-de.

Ýyldyzlar ýagyp asmandan,
Elmiň aýasyna düşýär.
Olar bu ýagty dünýämiň
Görküne gözellik goşýar.

Düýş däldir bulaň hijisi,
Edil hakykatyň özi.
Özgeler, aýtsam, ynanmaz
Ýöne sen bir ynan, eje!

Kiçijik täsin dünýämiň
Adyn bäş harpda jemledim.
Harplary hünji deý düzüp,
«Söýgi» monjugyn ýasadym.

**Akmaral HANDURDYÝEWA,**
**türkmen dili we edebiýaty hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

***Seniň suratyň***

Seniň suratyňy çekesim gelýär,
Galamlam bar älemgoşar mysaly.
Ol surat göreni etmeli haýran,
Leonardaň «Mono Lizasy» ýaly.

Seniň suratyňy çekesim gelýär,
Ýüregiň deý ak kagyzyň ýüzüne.
Şar gara boýaryn şamar saçyňy,
Birki tary düşüp durar ýüzüňe.

Seniň suratyňy çekesim gelýär,
Gara gözli, kirpigi ok, gaşy ýaý.
Gül meňziňde alma ýaňak çekeýin,
Ýylgyrşyňy çekeýin men hoşamaý.

Seniň suratyňy çekesim gelýär,
Gyzyl köýnegiňde – talyp lybasly.
Başyňdaky tahýa, goşa örülen
Saçlaryňa syn edeýin höwesli.

Seniň suratyňy çekesim gelýär,
Arman, suratkeş däl aşygyň, gülüm.
Men keşbiňi goşgularma çekerin,
Her bir setirimde ýaşarsyň gülüp!

**Medet MEDEDOW,**
**taryh fakultetiniň 2-nji ýyl talyby.**



***Ejem başym sypaýarka***

Ykbal ýoly öwrüm-öwrüm,
Ýel mysaly geçýär ömrüm,
Mydam galkynýandyr göwnüm,
Ejem başym sypaýarka.

Aladalam bolmaz asla,
Mähri meňzeş bahar pasla,
Gaýgy gider gülüp baksa,
Ejem başym sypaýarka.

Biz üçin jan aýamadyň,
Kynçylyga garamadyň,
Hiç bir zada darykmadym,
Ejem başym sypaýarka.

Bolmaz ejäniň ýamany,
Kalby tämiz hem-de päkdir,
Bu dünýäde ezizlejek,
Ejeň ýaly söýjek ýokdur.

**Gülendam BABAÝEWA,**
**psihologiýa hünäriniň 1-nji ýyl talyby.**

## Jerenjik hem ejesi



Jerenjik oýnap gelip,
Ylgap girdi aşhana.
Onuň nazary düşdi.
Gaýnap duran gazana.

Gapagyny açdy-da,
Synlady esli salym.
Ejesi geler öýdüp,
Ýene-de ýapdy gaýym.

Birsalymdan ejesi
Gelip diýdi gyzyna:
— Ellemegin gazany
Gör, gapagy gyzgyn-a.

Men-ä ýanna baramok,
Näm bolanny bilemok.
diýip, gürledi gyzy,
Syryn gizledi gyzy.

Başga bir gün Jerenjik,
Ýene girdi aşhana.
Hem gaýnaýan gazany,
Ýürek etdi açmaga.

Ejesi gelip, synlap,
Diýdi: «Ýene-de açdyň...»
Gyzy boýun almady,
Ýene sowaldan gaçdy.

Şeýle sowal döredi:
«Ejem nädip bilýärkä?
Gazanyny açanmy,
Ol nireden görýärkä?

Hä bildim-le men ony,
Çala ýapýan bolmaly»
Syryn şeýle tapdy ol,
Gapagy berk ýapdy ol.

Gazan başlady çogup,
Jerenjik aljyrady.
Atylyp daş çykdy-da,
Aglap, her ýan garady.

Wiý-wiý, näme aglaýaň?
Goýaý, gyzym, goýsana.
Goňşularda eglendim,
Hem köýnek tikdim saňa.

— Gazan çogdy — diýdi-de,
Kürsäp girdi aşhana.
Gaz öçüpdir bireýýäm,
Bolmady hiç bahana.

Ejesi diýdi oňa:
— Ýalan sözlediň özüň.
Bu naharyň çogmasy —
Zyýany ýalan sözüň.

Gazan gaýnap duranda,
Çogmaz ýaly, çalaja
Açylmaly gapagy,
Bilgin şony, körpeje!

**Gülsenem ÝEGENMÄMMEDOWA,**
**pedagogika bilimi ugrunyň 2-nji ýyl magistranty.**

# Sport we tehnologiýa

## Düzzüm oýny hakynda

Ata-babalarymyz gadym döwürlerden bäri nesil terbiýesine uly üns beripdirler. Çagalaryň oýnaýan oýunlary diňe şatlykly-şagalaňly wagt geçirme bolman, eýsem fiziki beden taýdan hem-de aň taýdan ösdürýän terbiýeçilik oýunlaryň bir görnüşi bolupdyr. «Mämmetjan» ertekisinde onuň Mämmetjanyň, ýüz tyllasyny küşt oýnuny öwrenmäge harçlaýşy




ýaly, öwrenen zadyň nirede peýdasynyň degjekdigini bilip bolmaýar. Şonuň üçin türkmenler «Ýigide müň dürli hünär hem azdyr» diýip, örän parasatly, öňdengörüjilikli belläp geçipdirler. Eger küşt oýny Gadymy Hindistanda döräp, dünýä ýaýran bolsa, biziň milli oýunlarymyzyň içinde hem sowukganlylygy, pähim-paýhasy talap edýän, ýagny şeýle häsiýetleri terbiýeleýän düzzüm oýny hem bardyr. Bu oýny oýnamak üçin hiç hili enjam, meýdança hem gerek däl. Düzzüm oýnamak isleýän iki adamynyň her biri garşydaşynyň daşyndan özüniň reňki boýunça tapawutlanýan birmeňzeş 8 sany daş alýar hem-de gaty kagyzyň ýüzünde suratda görkezilişi ýaly çyzgyny çyzýar. Oýunçy daşlarynyň 4-üsini ortaky çyzykda goýýar. Şondan soň olar öz aralarynda kimiň öň göçmelidigi barasynda bije atyşýarlar. Bijesi çykan oýunçy 5-nji daşyny islän nokadynda goýýar. Ol soňky daşlaryny haýsy-da bolsa bir çyzygyň ugrundaky hatarda 3 daş ýerleşdirmäge dyrjaşýar. Birinji oýunçy 5-nji daşyny bir nokatda goýanyndan soň, onuň garşydaşy hem birinji oýunça 3 daşy hatara goýdurmajak bolup, onuň daşlarynyň arasyndaky nokatda öz daşyny goýýar. Oýunçylaryň birinjisi haýsy-da bolsa bir hatardaky nokatlaryň 3-sinde öz daşyny hatarlap goýup bilse, ikinji oýunçynyň indiki goýjak daşlarynyň birini alýar. Oýunda esasy çarkandakly ýerleriniň biri hem başdaky 4 daş hem goýlandan soň, öz elindäki daşlaryňy nirede goýýanlygyňdyr. Beýle diýildigi bu oýunda hiç hili pikirlenmän göçüm edilmeýär. Seniň ähli göçümleriň öňdengörüjilikli bolmaly. Düzzüm oýny örän gyzykly oýun bolup wagtyňy peýdaly we şadyýan geçirmäge kömek edýär.

**Taýýarlan Güljahan GARRYÝEWA, žurnalistika hünäriniň 2-nji ýyl talyby.**

## Bir ýyl garaşylan smartfon tanyşdyryldy

**26-njy fewralda** San-Fransiskoda geçirilen «Unpacked» dabarasynda «Samsung» kompaniýasy «Galaxy S26», «Galaxy S26+» we «Galaxy S26 Ultra» smartfonlaryny görkezdi. Smartfonlaryň işjeň ýady 12 gigabaýta, öz ýady 256 we 512 gigabaýta barabardyr.



Amerikada smartfonlar «Snapdragon 8 Elite Gen 5 for Galaxy», Ýewropada «Exynos 2600» çibiniň esasynda işlärler.

Bu flagman diňe bir kuwwatlylygy bilen däl, eýsem şahsy gizlinligi goramak ukyby bilen hem tapawutlanýar.

Kompaniýa bu gezek titan korpusyň ýerine alýumin ulanypdyr. Munuň sebäbi alýuminiň gyzgynlygy has gowy sowatmagy we täze, kuwwatly prosessoryň netijeli işlemegine ýardam etmegi bilen düşündirilýär. Dizaýn tarapdan smartfon has sadalaşdyryldy: burçlary az-kem tegelenen, ekrany tekiz we kameralary dikligine ýerleşdirilen «adajyk» dizaýnyna eýe boldy.

6,9 dýuýmlyk Dynamic AMOLED 2X ekrany täze nesliň şöhlelenmä garşy aýnasy bilen üpjün edildi. Iň uly täzelik — Privacy Display funksiýasydyr. Bu tehnologiýa ekrana gapdaldan seredýänlere ony gara reňkde görkezýär. Şeýlelikde, jemgyýetçilik ýerlerinde parollaryňyzy ýa-da şahsy hatlaryňyzy beýlekilerden gizläp bilersiňiz.

Esasy 200 megapiksellik kamera moduly gijeki suratlary has aýdyň alýar. 5 esse optiki zoomly teleobýektiw bolsa has köp ýagtylygy kabul edip, jikme-jiklikleri saklaýar. Smartfon 8K we 4K (120 kadr/sek) formatynda ýokary hilli wideolary düşürip bilýär, täze stabilizasiýa ulgamy bolsa gorizonty saklamaga kömek edýär.

«Galaxy S26 Ultra» smartfony 12/256 Gb, 12/512 Gb we 12 Gb + 1 Tb nusgalarynda elýeterdir. Onuň bahasy 1 müň 300 amerikan dollaryndan başlaýar.

**Taýýarlan Zeýnep GELDIÝEWA, žurnalistika hünäriniň 2-nji ýyl talyby.**

## Uly ýaryşa gysgaça syn



Şu ýylyň 6 — 22-nji fewraly aralygynda Italiýada XXV gyşky Olimpiýa oýunlary geçirildi. Dört ýyldan bir gezek geçirilýän oýunlaryň açylyş dabarasy Milan şäheriniň «San-Siro» stadionynda boldy. Ýaryşa 92 ýurtdan 2871 sany (1533 sany erkek, 1338 sany zenan) türgen gatnaşdy.



Italiýa dördünji gezek Olimpiýa oýunlarynyň guramaçysy boldy. Şeýle-de Olimpiýa oýunlary — 2026 iki sany şäheriň bilelikdäki kabul eden ilkinji oýunlary hökmünde taryha girdi. Şäherleriň birinjisi Milan, ikinjisi Kortina d'Ampesso. Bu gezekki guralan ýaryşyň ýene bir täsin tarapy ol Saraýewodan (1984-nji ýyl) soň açylyş we ýapylyş dabaralary dürli ýerlerde guralan ikinji Olimpiýa oýunlarydyr.




Oýunlaryň býujeti, takmynan, 1,7 milliard ýewro deň boldy. Guramaçy ýurda puluň aglaba bölegini (takmynan, 925 million amerikan dollary) Halkara Olimpiýa Komiteti berdi. Býujetiň galan bölegi bolsa mahabatdan, hemaýatkärlerden we



ş.m. geldi. Gyşky Olimpiýa oýunlaryny görkezmek üçin 50-ä golaý ýurduň telekanallary hukuk gazandy.

Gyşky Olimpiýa oýunlary — 2026 sportuň 16 görnüşi boýunça geçen ýaryşlary özünde jemledi. Olaryň netijesi boýunça Norwegiýanyň (41 medal), ABŞ-yň (33 medal), Niderlandlaryň (20 medal), Italiýanyň (30 medal) hem-de Germaniýanyň (26 medal) olimpiýa ýygyndylary iň köp medal gazanan toparlar boldy. Ýohannes Klebo (Norwegiýa, 6 medal), Žulýa Simon (Fransiýa, 4 medal), Wan't Waut (Niderlandlar, 4 medal), Fiýon Maýe (Fransiýa, 4 medal) we Ýens Oftebru (Norwegiýa, 3 medal) ýaly türgenler bolsa aýratynlykda tapawutlanmagy başardylar.



Janköýerleriň hem-de sport bilermenleriniň bu gyşky Olimpiýa oýunlarda esasy ünsi hokkeýde boldy. Olimpiada-da 12 sany erkekleriň, 10 sany zenanlaryň hokkeý ýygyndysy özara güýç synanyşdylar. Oýunlar 16 müň janköýeri ýerleşdirýän «Santa-Juliýa» we 6 müň 500 tomaşaçy üçin niýetlenen «Fiýero Milano» arenalarynda geçdi. Erkekleriňem, zenanlaryňam final oýunlary ABŞ-nyň we Kanadanyň milli ýygyndylarynyň arasynda geçdi. 22-nji fewralda erkekleriň arasynda geçen final oýnunda goşmaça wagtda ABŞ-yň milli ýygyndysy Kanadanyň toparyny 2:1 hasabynda utmagy başardy. Şol hasapda ABŞ-yň hokkeý boýunça zenanlar milli ýygyndysy Kanadadan üstün çykdy. Er-



kekleriň arasynda Finlandiýanyň, zenanlaryň arasynda bolsa Şweýsariýanyň hokkeý boýunça milli ýygyndysy olimpiadada bürünç medala mynasyp boldular.

Biatlon ýaryşy hem olimpiadada çekeleşikli geçen sport görnüşleriniň birine öwrüldi. Sportuň bu görnüşinde fransuz türgenleri 13, norweg türgenleri 11, şwed türgenleri 3, italýan türgenleri 2, nemes, bolgar, fin, çeh türgenleri bolsa 1 medal gazanmagy başardylar.

Olimpiýa oýunlarynyň açylyş we ýapylyş dabaralary, ýaryşlar, we oýunlar jemi 16 sany sport desgasynda geçirildi. Onuň açylyş dabarasyna 77 müň, ýapylyş dabarasyna bolsa 12 müň tomaşaçy gatnaşdy.

**Taýýarlan Döwletgeli HOJAMEDOW, türkmen dili we edebiýaty hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

«Türkmen uniwersiteti» gazeti

ESASLANDYRYJYSY — MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

REDKOLLEGIÝA:
Žurnalistika kafedrasy

Jogapkär redaktor:
Halmyrat ÝUWŞANOW
(žurnalistika kafedrasynyň müdiri).

Edebi redaktorlar:
Allanur ÇARYÝEW, Aýbölek ARAZGELDIÝEWA
(türkmen dili we edebiýaty hem-de žurnalistika hünäriniň talyplary).
Tehniki redaktor: Şatly MOMMADOW
(türkmen dili kafedrasynyň mugallymy),
Toýly BABAÝEW
(žurnalistika hünäriniň talyby).

tdu.edu.tm
turkmenuniwersitetitdu@gmail.com